# Marsly diktatordan halas bolmagyň ýollary

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Marsly diktatordan halas bolmagyň ýollary MARSLY DIKTATORDAN HALAS BOLMAGYŇ ÝOLLARY




*«Kosmosyň alyslyklaryna gidip bilmesegem, ol ýerde gabat geljek problemalaryň näme bolup biljekdigi hakda pikir ýöretmäge mümkinçiligimiz bar.»*
**Charles Cockell**
Londonda alymlardan, inženerlerden, sosiologlardan, ýazyjylardan, filosoflardan düzülen topar (**«British Interplanetary Society»**) saýry dünýälileriň despotik režim gurjak bolup dünýäni basyp almaga synanyşmasy ýaly wawwaly ähtimallygyň üstünde «kelle döwýärler». Bu eýýäm Ýer togalagyndan daşarky dünýädäki ýaşaýyşyň erkinligi bilen baglanşykly geçirilýän üçünji konferensiýa… Geçen ýyl kosmoslylar bilen ylalaşyk baglaşmak we ähli kosmos koloniýalarynyň arasynda diplomatik gatnaşyklary ýola goýmak üçin kabul edilmegi hökmany kanunlar ara alnyp maslahatlaşyldy.
Üstümizdäki ýyl bolsa gurlan hökümetden hoşal bolunmadyk ýagdaýda nämeleri edip boljakdygynyň üstünde pikir alşyldy. Geçirilen duşuşyklar netijesinde gelnen çözgütler tezisler görnüşinde çap edilmegine garaşylýar. Şeýlelikde geljegiň kosmos ýolagçylary üçin ýol görkeziji-gollanma çeşmeler taýýarlamak göz öňüne tutulýar.

Cockell geçirilen bu çekişmeleriñ kosmosdan daşarky ýaşaýyşda erkinligiñ hatyrasyna orta atylan ilkinji pikirlerdigini aýdýar. Şeýtmek bilen duş gelip biläýjek kynçylyklary öňünden biler ýaly edilýär.
Kosmos koloniýalarynyñ nämä meñzeş bolup biljegini çaklanymyzda, toparyñ orta atýan heläkçilik senariýalary aslynda göz öñümize ilkinji nobatda gelip biljek problemalaryñ başy bolaýmasa diýdirýär. Depämizde ullakan gorag gümmezini göz öñüne getiriñ: ol tozanly Mars atmosferasynyñ astyndaky binalary goraýar we dogduk mekany Ýer togalagynda galan adamlar bu «gümmeziñ» astynda dem alýarlar. Goragsyz adamlaryñ soryan kislorodyny öndürýän generatoryñ gözegçiliginiñ rehim-şepagatsyz diktatoryñ eline geçmegi bu senariýalara mysal görkezilip bilner. Cockelliñ pikirine görä, bular ýaly ýagdaýda gahar-gazaba ýugrulan garşylyk bermegiñ hiç hili manysy ýok! Hökümetden nägiledigi üçin rewolýusion öwrülişigiñ başyny başlan biri ýaşaýan ýerini ýykyp-ýumrup başlasa – ýekeje ýerde penjirelere zelel ýetip döwüler we içerik şol saýýaranyñ howa basyşy kürsäp urar, netijede kisloroddan nam-nyşan galmaz, hemmeler gyrlar.
Cockell kosmosyñ tolgunşygyñ dünýädäki bolşundan has ýykgynçylykly geçjekdigine ünsi çekýär. Protestleriñ uludan-kiçä hemmäniñ ölümine sebäp boljak ýagdaýynda, eýsem nädip garşysyna çykyp bolarka?
Ilkinji nobatda diktatyñ hiç bir ýagdaýda orta çykmazlygyny üpjün etmek arkaly!
Garşy çykma düzgünini döwletiñ kanunlary bilen kadalaşdyryp, eden-etdilik bolmazdan ýola goýmak gerek. Muny bolsa guramaçylykly işçi güýjüniñ (meselem, edara-kärhanalaryñ) ýa-da metbugatyñ öñbaşçy bolan şertlerinde amala aşyryp bolar.
Kosmosda despot ýolbaşçylar bilen deñ derejede hususy firmalar hem howply bolar. Şonuñ üçin howa, suw, güýç rezerwlerine ýeke-täk merkezden gözegçilik edilmezligi, ätiýaçlandyrylmagy iññän möhüm. Şeýlelikde bu ähmiýetli zerurlyklara bagly goragsyzlyk we şowsuzlyk ähtimallygy ep-esli möçberde peseldiler hem-de merkezi gözegçilikden goralar.
Hususy firmalaryñam azyndan diktatorlar ýaly wagşy bolup

biljekdigi nazara alnanda, dünýädäki iş we işçi baradaky kanunlaryñ ýeterlik bolmajagy görnetin belli. Aýdaly, edara-kärhanalarda işçiler iş taşlaýyş yglan edýär. Kärhana «Iş göwnüñe ýaramaýan bolsa, islän ýeriñe gidip bilersiñ!» diýip, işçini kosmosdaky howa boşlugyna taşlap biler. Diýseñ çalt çözgüt!

Dünýäde (iñ bolmanda demokratik ýurtlarda) azatlyklar we işçileriñ dürli hak-hukuklarydyr kanunlar kämil derejede ösenem bolsa, bulara kosmos şertlerine görä üýtgeşme girizmeli bolar. Kosmos şertleri dünýädäkiden kän üýtgeşik we gulçulyk bilen azatlygyñ arasynda inçe sazlaşyk bar. Hemmeleriñ uzakly gün işsiz oturyp, «ýatan çöpi galdyrman» wagtyny geçirjek kosmos koloniýasy bolsa, ýaşaýyşy dowam etdirmek üçin o diýen gowulyklary wada bermeýär. Hem-ä raýatlaryñ azatlygyny gorap, hemem kosmosyñ ölüm howply şertlerinden goranmak üçin juda oýlanşykly hereket etmeli bolar.

Ylmy we resmi taýdan bu düşünjeleriñ üstünde ýaña-ýaña jedelleşilip başlananam bolsa, ylmy-fantastiki žanryñ ýazyjylary uzak wagtdan bäri bu temanyñ üstünde pikirlenýärler. Londonda geçirilen konferensiýa gatnaşan delegatlardan meşhur fantast ýazyjy **Stiwen Baksteri**ñ 2010-njy ýylda çapdan çykan **«Ark»** romanynda bütin dünýäni holtumyna düýrläp dykan suw-sil joşguny netijesinde millionlarça adamyñ ölen ýagdaýynda, iñ bolmanda az sanly adamyñ halas edilip kosmosdaky koloniýa durmuşyna äkidilmeginden we ýokarda agzalanlara meñzeş hökümet meseleleriniñ orta çykyşyndan söz açylýar. Romanda ýaşlaryñ birnäçesiniñ kosmosa gitmek üçin meýletin ýüz tutuşy we gidenden soñ ol ýeriñ kyn şertlerinde köseni şleri gyzykly gürrüñ berilýär.

Bakster romanyñ mazmunyny şeýle düşündirýär: *«Ilkibaşda harby düzgün agalyk edip durka, taraplaryñ razylygy bilen has özygtyýarly hökümet iş başyna geçýär, emma pikir edilşi ýaly bolmaýar, suw rezerwini eýelän biri özüni lider diýip yglan edýär we gözegçiligi ele alýar.»* Konferensiýada ara alnyp maslahatlaşylanlara diýseñ meñzeş wakalar romanda-da bar. Romanda koloniýa durmuşynyñ ýagdaýyna nägilelik bildirýän ýaşlar gozgalañ turuzmaga meýillense, käbirleri kosmosda gezip

ýörendiklerine-de ynanman, özlerini tussag edilendir öýdüp başlaýar.
Bakster **«kapasa gabalan jemgyýeti»** kemala getirmegiñ görlüp-eşdilmedik derejede täsin inisiatiwadygyny aýdýar. *«Añ-düşünje synaglary üçin diýseñ amatly tema!»*
Kosmos ynkylaby temasyndan ýazylan ilkinji eserleriñ biri-de **Jack Williamson**yñ geçen asyryñ otuzynjy ýyllarynda ýazan **«The Birth of a New Republic»** romanydyr. Romanda jemgyýetde bolup geçýän tolgunşyklary Aý bilen Ýer togalagynyñ arasynda sýužetleşdirip öwrenýär. **Robert Heinlein**iñ 1966-njy ýylda çapdan çykan **«The Moon is a Harsh Mistress»** romanynda bolsa Aý tussaghana hökmünde ulanylýar we tussaglar kislorod rezerwini-de gözegçiliginde saklaýan rehim-şepagatsyz gözegçiniñ ygtyýaryna berilýär.
Dünýädäki yklymara, tebigy şertler we energetika rezerwlerine bolan talaplaryñ çaltlyk bilen artmagy göz öñüne tutulanda, täze saýýaranyñ gözlegine çykmak gutulgysyz ýaly bolup görünýär. Ýöne ýapyk gapylaryñ añyrsyndaky käbir şahslaryñ we jemgyýetleriñ muña nähili garajagy häzirlikçe nämälimligine galýar. Täze saýýarada täze siwilizasiýa gurmak üçin kolonial düzgüne geçjek bolsak, ähli hasaplary öñünden doly we dogry oýlanyp-ölçermeli bolarys. Bolup biläýjek ähli ýagdaýlary nazara alyp, täze taslamalary işläp düzmeli we taýýarlykly bolmaly. Tersine bolanda, uly umyt bilen garaşylan bu maksatnamamyzam şowsuzluga uçrap biler. Şowsuzlygyñ getirjek ýykgynçylygynyñ öñünde durmaga bolsa çaklamalarymyz ejiz geler.

24.07.2015.

Çeşme: bbc.com Geñ-tañsy wakalar